**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

**KONSTITUSIÝA WE HALKARA HUKUGY KAFEDRASY**

# MALIÝE HUKUGY WE SARGYTLAR
DERSI BOÝUNÇA

# UMUMY OKUWLARYŇ
ÝAZGYLARYNYŇ TOPLUMY

**Dosent Amanmuhammet Hezretow**

**Aşgabat – 2009**

**TEMA: Türkmenistanyň maliýe hukugynyň predmeti we ulgamy.**

**Meýilnama:**

1. Maliýe hukugynyň predmeti barada düşünje.
2. Maliýe hukugynyň aýratynlyklary.
3. Maliýe hukugynyň ulgamy we çeşmeleri.

**1.** Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanynda halk hojalygymyzyň dürli pudaklarynda uly depginler we ösüşler gazanyldy. Hormatly Prezidentimiz 2009-njy ýylyň 27-nji ýanwarynda Türkmenistanyň howupsyzlyk geňeşiniň mejlisinde eden çykyşynda, Türkmenistan döwletiniň içeri we daşary syýasatynda gazanylan üstünlikler barada durup geçdi.

Hormatly Prezidentimiz öz çykyşynda şeýle nygtap geçdi: "Türkmenistan döwletimiziň 2009-njy ýyl üçin döwlet býujetiniň girdeýji görkezijileri 2008-nji ýylyň döwlet býujetine garanyňda 40% ýokary netijede boljakdygyny nygtam geçdi. Bu görkezijileriň aglabasy medeni-sosial çärelere sarp ediler".

Bu döwlet we halk bähbitli çäreleri durmuşa geçirmekde maliýe hukuk kadalarynyň hem uly orny bolar.

Türkmenistan döwletiniň maliýe işini amala aşyrmak belli bir halatda jemgyýetçilik gatnaşyklar emele gelýär. Her bir täze dörän garaşsyz döwlet özüniň ilkinji günlerinden başlap milli maliýe we hukuk ulgamyny döredýär. Sarpasy belent serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada Türkmenistan döwletiniň garaşsyz döwlet hökmünde ilkinji maliýew ulgamyny döretmekdäki gadamlaryny beýan edýär. Döwletimiziň maliýe işini amala aşyrmakda maliýe hukuk kadalary esasy orna eýedir.

Maliýe işi amala aşyrmakdaky jemgyýetçilik gatnaşyklar maliýe hukugynyň predmeti bolup hyzmat edýär. Bu jemgyýetçilik gatnaşyklar öz mazmuny boýunça iň çylşyrymly hukuk gatnaşyklardan ybaratdyr. Sebäbi bu hukuk gatnaşygynyň gatnaşyjysy bolup dürli gatnaşyjylar çykyş edýär.

Döwlet maliýe işi amala aşyrmakda döwlet häkimiýet we häkimiýet edaralaryň üsti we goldawy arkaly birnäçe kärhanalara, edaralara, birleşiklere, guramalara, daýhan birleşiklerine, daşary ýurt edaralaryna we raýatlar bilen gatnaşykda durýar.

Maliýe hukugynyň predmeti bolup şu aşakdaky gatnaşyklar çykyş edýär:

1. Döwlet býujetini toplamakda we ony býujet ulgamynyň gatnaşyjylarynyň arasynda tygşytly ulanmakda hem-de paýlamakda;
2. Döwletiň maliýe bähbidi goramak döwlet häkimiýet we hökümet edaralarynyň arasyndaky gatnaşyklar;
3. Maliýe karz edaralarynyň arasynda (Türkmenistanyň maliýe we ykdysady ministrligi we Türkmenistanyň merkezi bankynyň we beýleki bank edaralarynyň, Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlyk edarasy, Türkmenistanyň döwlet baş salgyt gullugy edarasy we ş.m.);
4. Döwlet kärhana edaralarynyň ýokary edaralar bilen maliýe hasap esasyndaky gatnaşyklary;
5. Bir tarapdan kärhana we edaralar beýleki tarapdan maliýe-karz edaralarynyň gatnaşygy;
6. Maliýe (salgyt) edaralary bilen raýatlaryň arasynda salgydy tölemeklik meselelerindäki gatnaşyklar;

Maliýe-hukugynyň kadalary we ýörelgeleri esasan hem döwletiň maliýe işlerini kadalaşdyrmakda ulanylýan hukuk namalarydyr. Maliýe hukugynyň gatnaşyjylary hukuk namalar arkaly, olaryň hukuklaryny hem-de borçlaryny kesgitlenýär.

Şeýlelikde, maliýe hukugy döwletiň maliýe işini amala aşyrmakda ýüze çykýan gatnaşyklary kadalaşdyrýar.

**2.** Maliýe hukugy hukuk kadalarynyň jemi bolup, maliýe işi dolandyrmakda ulanylýan esasy hukuk guraldyr.

Maliýe hukugynyň esasy mazmuny bolup, maliýe işleri amala aşyrmakdaky ulanylýan ýuridiki hukuk kadalarynyň jemine aýdylýar.

Türkmenistanyň milli maliýe hukugy garaşsyzlyk ýyllary döwürde kemala geldi. Her bir milli pudagyň öz jemgyýeti gatnaşyklary kadalaşdyryş aýratynlyklary bardy.

Türkmenistanyň hukuk pudaklary biri-birinden tapawutlanýandyr. Olar biri-birinden esasan hem belli jemgyýeti gatnaşyklary kadalaşdyrmak ugry boýunça, ýagny predmeti boýunça tapawutlanýar. Sebäbi, her milli pudagyň belli gatnaşyklary hukuk esasynda kadalaşdyrýan alamaty bardyr. Şonuň üçin her bir milli pudagyň predmeti beýleki milli pudagyň predmet esasyna garşydyr.

Maliýe hukugy hemme pudaklar bilen ysnyşykly arabaglanyşykdadyr, esasan hem Türkmenistanyň konstitusion hukugy, dolandyryş hukugy hem-de munisipial hukugy bilen baglanyşykdadyr. Türkmenistanyň konstitusion hukugy hukuk ulgamynyň hemme pudaklary bilen arabaglanyşyklary bardyr.

Konstitusion hukuk milli pudaklarynyň içinde iň esasy orna eýedir. Sebäbi, hemme pudaklaryň şol sanda maliýe hukugynyň esasy çeşmesi bolup, Türkmenistanyň Konstitusiýasy çykyş edýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 57-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň mejlisi her ýylda Türkmenistanyň täze býujet ýyly üçin Türkmenistanyň döwlet býujeti hakyndaky we býujetiň ýerine ýetirilişi hakynda kanun kabul edýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 86-njy maddasyna laýyklykda ýerlerde öz-özüňi dolandyryş edaralar, geňeşler öz administratiw-territorial meýdanlarynda geňeşler täze býujet ýyly üçin çözgütler kabul edýär, hem-de ýerli býujetleriň ýerine ýetirilişini barada hasabaty tassyklaýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Ministrler kabineti kabul edilen kanunlaryň, şol sanda býujet kanunlaryň ýerine ýetirilişine umumy gözegçiligi amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň tabynlygynda bolup, Türkmenistanyň maliýe we ykdysady ministrligi, merkezi bank edaralary tabynlykda bolýar. Türkmenistanyň salgyt barada umumy kanunda döwletiň maliýe (salgyt) işine gözegçilik edýän edaralaryň hukuk ygtyýarlyklaryny kepillendirilen.

Döwletiň maliýe işine şol sanda salgyt işine gözegçilik hem-de dolandyryş işlerine gözegçilik edýän edaralaryň hukuk taýdan döwlet konstitusion hem-de dolandyryş hukuklarynda kepillendirilýär.

Maliýe hukugy örän ysnyşykly dolandyryş hukugy, gümrük hukuklary bilen baglanyşyklydyr. Maliýe hukugynyň döwlet çykdaýjylar pudagynyň üsti bilen Türkmenistanyň halk hojalygynyň dürli pudaklaryny maliýeleşdirilýär. Mysal üçin senagaty, oba hojalygyny, transport aragatnaşyk, söwda we beýleki pudaklar.

Býujet - maliýeleşdirmek arkaly kadalaşdyrylýar. Ýokarda agzalan pudaklary dolandyrmaklyk Türkmenistanyň dolandyryş hukuklary arkaly kadalaşdyrylýar. Gümrük paçlarynyň maliýe serişdeleri döwlet maliýe gaznasynda ornaşdyrylýar.

Maliýe hukugyny raýat hukugy bilen ysnyşykly arabaglanyşykdadyr. Raýat hukugynyň predmeti bolup şahslaryň emläk we emläk däl gatnaşyklar çykyş edýär. Emläk gatnaşyklaryň bir görnüşi pul gatnaşyklar çykyş edýär. Maliýe

– karz edaralar bolan Merkezi bank, süýşirintgiler banky, senagat banky, Türkmenistanyň ätiýaçlyk Baş edarasy ýeke bir dolandyryş edaralar bolup çykyş etmän, eýsem olar hojalyk edaralary ýagny ýuridiki şahslardyr.

**3.** Maliýe hukugy birnäçe hukuk kadalaryny jemleýär. Bu jemleriň toplumy çylşyrymly maliýe hukuk institutlaryny jemleýär. Beýleki milli pudaklarda bolşy ýaly maliýe hukugy iki bölümden, ýagny umumy hem aýratyn bölümlerden ybaratdyr.

Maliýe hukugynyň umumy bölümlerine şu aşakdaky institutlary gurşap alýar:

1. Döwlet maliýe işi;
2. Türkmenistanyň maliýe ulgamy;
3. Maliýe hukugynyň predmeti;
4. Maliýe hukuk kadalar we maliýe hukuk gatnaşyklar;
5. Maliýe hukugynyň usullary we çeşmeleri;
6. Maliýe hukugynyň ýörelgeleri;
7. Maliýe hukugynyň taryhy;
8. Maliýe hukugynyň beýleki pudaklar bilen arabaglanyşygy;
9. Maliýe hukugynyň meseleleri;
10. Maliýe gözegçilik;

Maliýe hukugynyň aýratyn bölümi şu aşakdaky institutlardan ybaratdyr:

1. Türkmenistanyň döwlet býujeti we býujet hukugy;
2. Býujet seljerişi;
3. Döwlet býujetiniň girdeýjisi;
4. Býujet gurluşy;
5. Ýerli býujetler;
6. Salgyt hukugy;
7. Karz hukugy;
8. Ätiýaçlyk hukugy;
9. Bank hukugy;
10. Çykdaýjy hukugy;
11. Walýuta hukugy;

Maliýe hukugynyň hukuk aktlarynyň birnäçe toplumy hereket edýär. Maliýe hukugynyň esasy çeşmesi bolup Türkmenistanyň Konstitusiýasy çykyş edýär. Türkkmenistanyň mejlisiniň kabul edýän kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň çykaran permanlary hem kararlarydyr. Maliýe hukugynyň esasy çeşmeleriniň biri bolup, Türkmenistanyň salgyt umumy kanuny çykyş edýär.

Türkmenistanyň Döwlet Baş salgyt gullugynyň salgytlary ýygnamak babatyndaky dürli-dürli görkezmeleri çykyş edýär.

Maliýe hukugynyň aýratyn çeşmeleri bolup Ýerli häkimlikleriň maliýe bölümleriniň işini kadalaşdyrýan häkimlikleriň we geňeşleriň çözgütleridir.

**Edebiýatlar:**

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Aşgabat - 2008 ýyl;
2. Türkmenistanyň salgyt kodeksi, Aşgabat - 2005 ýyl;
3. Химичева Н.И. “Финансовое право”, М-2002 год;
4. Горбунова О.Н. “Финансовое право”, М-2002 год;
5. Эриашвилли Н.Д. “Финансовое право”, М-2002 год;

**Tema:** Türkmenistanda maliýe işi we maliýe hukugy.

**Meýilnama:**

1. Maliýe barada düşünje.
2. Türkmenistanyň maliýe ulgamy.
3. Türkmenistanda maliýe işine gözegçilik we maliýe edaralarynyň ulgamy.

I. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda täze galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanasynda döwletimiziň maliýe ulgamynda uly özgertmeler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň 2009-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda ministrler kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Türkmenistan döwletimizde döwletimizi özgertmekde alnyp barylýan işler barada nygtalyp geçildi. Türkmenistan döwletiniň 2008-nji ýylyň döwlet budjeti hemme görkezmeler boýunça doly derejede ýerine ýetirildi. Döwlet budjetiniň girdeýji bölegi 10,1 milliard denominirlenen manatda, ýagny 117,2 göterime laýykdyr. Halk hojalyk pudagynda ortaça aýlyklar 13,3 göterimden ybaratdyr. Türkmenistan döwletiniň döwlet budjeti sosial ugry bardyr. 2008-nji ýylda döwlet budjetinden pensiýalara we döwlet kömekleri 31,8 göterime, bilime 25,4 göterime, saglygy goraýyşa 25 göterim we medeni gatlaga 42,9 göterime ybarat boldy. Bu esaslaryň esasynda döwletimizde maliýe gatlakda dürli işler amala aşyrylýar.

**Salgyt hukugy** - maliýe hukugynyň bir pudagy bolup Türkmenistan döwletiniň maliýe işini amala aşyrmakda ýüze çykýan jemgiýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar. **Maliýe hukugynyň gatlagy** – Türkmenistan döwletiniň maliýe işlerini alyp barmakda ulanylýan ugurlara gönükdirlendir. Ýöne, maliýe hukugynyň mazmuny kesgitlenjek bolsa , hökmany maliýe diýen düşünjäniň manysyny açmaklyk zerur. **Maliýe** – bu ykdysady nyrh diýen düşünjedir. Ol öz içinde aşakdaky ykdysady nyşanlary gurşap alýar (ýagny, pul, girdeýji, önümiň nyrhy we ş.m.).

Türkmenistan döwleri bazar ykdysadyýetine geçen döwründe agzalan nyşanlaryň ähmiýeti artýar. Häzirki döwürde haryt-pul gatnaşyklary hereket etmegi maliýanyň mejburylygyny subut edýär. Maliýe diýen düşünje özüne material düşünjäni hem birleşdirýär. Maliýe diýen maddy düşünje diýmeklik döwletiň pul gaznasyny döretmeklik diýen manyny aňladýar. Döwlediň pul gaznasy maliýe resurslaryny döredýär. Şeýlelikde, maliýe diýmeklik döwlediň maliýe gaznasyny tygşytly ulanmak we ýerlikli paýlamaklygy aňladýar. Döwlediň toplan pul serişdesi esasanam Türkmenistan döwletiniň halk hojalygynyň pudaklaryna, medeni sosial çärelere, döwlediň goranyş ulgamyna we beýleki ugurlara sarp edilýär. Türkmenistanyň maliýe ulgamy özüniň ykdysady tebigylygy babatlylykda ýeke täk bitewidir. Maliýe ulgamy halk hojalygyň hemme pudaklaryny gurşap alýar. Maliýe ulgamynyň birnäçe şahalary birleşip ýeke täk maliýe ulgamyny döredýär.

II. Türkmenistanyň maliýe ulgamy şu aşakdaky düzgünlerden ybaratdyr:

1. Türkmenistanyň döwlet budjeti
2. Kärhanalaryň we edaralaryň maliýesi
3. Döwlet karzy
4. Bank karzy
5. Döwlet emläk we şahsy emläk

........ bilen maliýe ulgamynyň düzgünleri biri-birinden tapawutlydyr. Esasanam tapawutlyk düzüm esasyndadyr. Ýöne, umumy mazmunlary boýunça deňdirler. Her bir maliýe ulgamynyň düzümi özüniň maliýe gatnaşyklar esasynda tapawutlanýandyr. Türkmanistanyň maliýe ulgamynyň düzüminde aýratyn orna Türkmenistanyň döwlet budjeti eýedir. Türkmenistanyň döwlet budjeti-ykdysady gatnaşyklarynyň bir görnüşi bolup, döwlet özüniň öňünde duryan wezipäni ýerine ýetirmek üçin özüne maliýe resurslaryny toplaýar.

Döwlet budjetini döretmekde hukuk gatnaşyklaryny kepillendirýän esasy çeşmeler bolup; Türkmenistanyň konstitusiýasy, Türkmenistanyň 1996-njy ýylda kabul edilen “Türkmenistanyň budjet ulgamy” baradaky kanuny, Türkmenistanyň 2004-nji ýylda kabul edilen salgyt baradaky bitewi kanunydyr. Türkmenistanyň döwlet budjetiniň esasanam halk hojalygynyň dürli pudaklaryndan alynýan ýuruduki şahslardan ybaratdyr. Az-owlak mukdar bölegi bolsa ilatdan, ýagny fiziki şahsdan alynýan salgytlardan ybaratdyr. Türkmenistan döwletiniň budjetiniň girdeýji çeşmeleri barada Türkmenistanyň salgyt baradaky bitewi kanunynda kesgitlenen. Türkmenistan döwletiniň döwlet budjetiniň esasy çykdaýjylary bolup şu aşakdaky çykdaýjylar çykyş edýär. Türkmenistan döwletiniň budjetiniň esasy çykdaýjylary bolup medeni sosial çäreleriň çykdaýjylary çykyş edýär. Döwlet budjetiniň aglaba bölegi halkyň hal ýagdaýyny gowlandyrmaga gönükdirilen. Soňra, halk hojalygynyň pudaklaryna, harby ulgama hem-de döwlet hakimiýet we hökümet edaralaryna we hukuk goraýyş edaralaryna sarp edilýär.

Döwlet budjetiniň esasy düzüminiň biri hem döwlet sosial ätiýaçlyk budjetidir. Bu gazna esasanam merkezleşdirlen esasda pul serişdesi toplanýar. Bu pul serişdesi esasanam Türkmenstanyň raýatlarynyň garrylyk ýaşa ýetende, wagtlaýyn işe ukyplylygyny ýitirende, ekleýjisini ýitiren mahalynda ulanylýan maliýe serişdesidir. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda her bir raýat agzalan mümkinçiliklerden peýdalanýandyr. Döwlet kärhanalarynyň maliýasy maliýe ulgamynyň içinde iş esasy düzümiň biridir. Döwlet kärhanalarynyň maliýe ulgamy budjetiň gatnaşyjy bir görnüşi bolup, ýagny kärhanalar öndürýän önümini döwlete satyp belli girdeýjini alýar. Kärhana döwlete öndüren önüminden satuw görnüşinde girdeýjini almak bilen döwlet bilen maliýe gatnaşygy bolýar.

**Döwlet karzy**-bu budjeta gatnaşyjy bir görnüşi bolup, döwlet öz gezeginde gaznanyň artykmaç pul serişdesini wagtlaýyn we yzyna gaýtaryp bermeklik esasda pul seişdesini süýşürentler bankyna toplaýar. Şeýlelikde, raýatlar özleriniň artykmaç pul serişdelerini banklarda goýmagy bilen döwlet karz hukugy döredýär. Döwlet karzyň esasy maliýe mazmuny goýlan karz pullary meýletinlikde goýmallykdan ybaratdyr.

**Bank karzy**-bu budjetiň gatnaşygynda işiň bir görnüşi bolup, ýagny gatnaşyjylar ýuridiki hem fiziki şahslar döwlediň bank edaralaryndan gysga we uzak wagtlaýyn möhletde pul serişdelerini karz alýar. Bu hukuk gatnaşyjylar maliýe hukugynyň esasy pudagy bolan bank hukugy arkaly kadalaşdyrylýar. Pullary karz almakda bank hukuk gatnaşyklar ýüze çykýar.

III. Her bir döwletde döwletiň maliýe işini amala aşyrýar. Her bir döwletiň maliýe işi esasanam üç ugry öz içine alýar:

1. maliýe gaznasyny döretmeklik;
2. bölmeklik;
3. tygşytly ulanmaklyk;

Döwlet öz funksiýasyny ýerine ýetirmek üçin gerek bolan maliýe gaznasyny döredýär. Döwlet özüne gerek budjet karz serişdesini, ätiýaçlyk pul gaznasyny döredýär we olary döwletiň maliýe gaznasynda ýerleşdirýär. Bu maliýe serişdeleri döwledimiziň öňünde durýan döwlet we halk bähbitli çärelere sarp edilýär. Döwletiň maliýe iş netijesinde, döwlet maliýe edaralarynyň täsiri bilen kärhanalara, guramalara, birleşiklere döwlet maliýe gözegçiligini amala aşyrýar. Döwletiň maliýe işini amala aşyrmaklykda esasanam Türkmenistanyň ykdysady we maliýe ministrligi, Türkmenistanyň baş döwlet salgyt gullugy edarasy, Türkmenistanyň baş ätiýaçlyk edarasy, Türkmenistanyň bank ulgam edaralary we ş.m. esasy işleri mala aşyrýarlar.

Şeýlelikde, döwlediň maliýe işi döwletiň esasy alyp barýan ugry maliýeleşdirmekde pul gaznasyny döretmekde, ulanylmakda hem-de peýdalanmakda işleriň netijesine aýdylýar. Türkmenistanyň döwlet budjeti esasanam Türkmenistan döwletini syýasy, ykdysady we sosial babatlylykda 2020-nji ýyla çenli ösdürmek ugruna sary ädilýär.

Umuman, Türkmenista döwletiniň budjeti Türkmeistanyň Halk maslahatynyň XIV, XV mejlisiniň taryhy kararlaryny durmuşa aşyrmakda esasy orny bardyr.

## Tema: Maliýe hukuk kadalary

Meýilnama:

1. Maliýe huhuk kadalar barada düşünje.
2. Maliýe huhuk gatnaşyklary, onuň aýratynlyklary we görnüşleri.
3. Maliýe huhugynyň gatnaşyjylary (subýektleri).

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Beýik Galkynyşlar we özgertmeler zamanynda Garaşsyz hem Baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň hukuk ulgamy kämilleşýär. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan döwletimiziň hukuk ulgamyny kämilleşdirmek işi dowam edýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň noýabr aýynda döwletimiziň milli kanunçylygyny kämilleşdirmek barada aýratyn karar kabul edildi. Karara laýyklykda milli kanunymyzy kämilleşdirmek barada işçi toparlar döredildi.

Garaşsyz hem Baky Baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň milli kaunençylyk ulgamynda maliýe hukuk kadalarynyň we maliýe hukuk gatnaşyklarynyň aýratyn orny bardyr. Maliýe hukuk kadalary – maliýe hukugynyň başlangyç esaslarydyr. Maliýe hukuk kadalaryna umumy hukuk häsiýetler eýedir, ýöne kadalaryň aýratynlyklary pudagyň özboluşly bolşy ýaly maliýe hukugy hem hukuk kadalaryň jemi bolup döwletiň maliýe işlerini amala aşyrmakda belli gatnaşyklary, ýagny maliýe hukuk gatnaşyklary kadalaşdyrýar. Bu hukuk gatnaşyklar döwlet tarapyndan kepillendirilýär.

Döwletiň maliýe işi her bir döwlet üçin iň wajyp işleriň biridir. Şu babatda biziň Türkmenistan döwletimizde kabul edilen Salgyt umumy kanunynyň hem orny ulydyr.

Maliýe hukuk kadalar özüniň mazmuny boýunça döwletiň maliýe işlerini amala aşyrmakda hem-de ony kadalaşdyrmakda ulanylýan esasy serişdelerdir. Maliýe hukuk kadalarynyň esasy mazmuny taraplara hukuklary we borçlary kesgitlemekden ybaratdyr. Maliýe hukuk ulgamynda kadalaryň ugurlary dürli-dürlidir.

Maliýe hukuk kadalary özüniň mazmuny boýunça imperatiw görnüşe eýedir. Maliýe hukuk kadalar belli bir gatnaşyklara gönükdirilen. Gatnaşyjylaryň hukugy hem borjy kesgitlenen. Her bir salgyt hukugynyň gatnaşyjysy kanunda görkezilen möçberde we kesgitlenen möhletde tölegi wagtynda tölemelidir. Eger-de, tölegçileri nädogry salgyt tölege çekilse, salgyt edarasyna ýüz tutmak hukugyndan peýdalanýar.

Maliýe hukuk kadalar özüniň gurluşy boýunça 3 (üç) görnüşden ybarat bolýar:
1.Boýun ediji kadalar
2.Gadagan ediji kadalar.
3.Ygtyýar ediji kadalardan ybaratdyr.

Maliýe hukuk kadalar hemme maliýe hukuk gatnaşyklardan, hemme borçlylygy talap edýär. Maliýe (salgyt) edaralar, salgyt tölegçilere salgydy wagtynda tölemekligi talap edýär, öz gezeginde salgyt töleýjiler kanunda kesgitlenilen görkezmede tölegleri tölemelidirler. Wagtynda tölenilmedik salgytlar tölegler Salgyt umumy kanunyna laýyklykda wagtynda tölenmese belli bir halatda jerime tölemeklige çekilip biliner (mysal üçin Türkmenistanyň salgyt baradaky umumy kanunyň 172 madda). Aglaba maliýe kadalar özüniň mazmuny boýunça boýun ediji kadalardyr.

Gadagan ediji kadalar – maliýe hukugynda iň bir esasy kadalar bolup hyzmat edýär. Bu kadalar maliýe hukuk gatnaşyklary gadagan hereketden ýüz döndürmegi we ondan togtamagy talap edýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň salgyt baradaky umumy kanunyna laýyklykda ýerli maliýe býujetlere gelýän ýerli edaralaryň goşmaça girdeýjisini ýerli býujet gönükdirmeklik ygtyýarlygyny berilmeýär.

Maliýe hukuk gatnaşyjylary maliýe hukuk kadalaryny berk berjaý etmelidirler. Salgyt umumy kanunynda görkezilen ýygymlaryň möçberinden ýokary kesgitlenen möçberleri bellemeklik ygtyýarlygy berilmeýär. Ygtyýar ediji kadalar maliýe hukuk kadalaryna gatnaşyjylara belli hukugy kesgitleýär. Mysal üçin, ýerli Geňeşler öz býujetlerinden belli maliýe serişdeleri goşmaça maliýe serişde görnüşinde medeni – sosial çärelere sarp edip biler.

Her bir kärhana özüniň serişdelerini tygşytly sarp etmelidir. Ýöne sarp etmeklik maksatlaýyn görnüşe eýe bolmalydyr.

Maliýe hukuk kadalar özüniň mazmuny boýunça maddy we prosessual kadalardan ybaratdyr. Maliýe hukugynyň kadalary özüniň hukuk göwrümi boýunça, esasanam material kadalardyr. Maliýe hukugynda ýagny býujet prosessual kadalar hem bardyr.

Maliýe hukuk kadalar özüniň görnüşi boýunça 3 (üç) mahsus elementlerden ybaratdyr.
1. Gipoteza
2. Dispozisiýa
3. Sanksiýa

Gipoteza hukuk kadalarynyň hereketiniň şertini kesgitleýär. Gipoteza özüniň hukuk mazmuny boýunça iň çylşyrymly kadalardyr. Kärhanalar we edaralar döwlet býujetine girdeýji salgydy ýa-da goşmaça gymmadyň üstüne artdyrylýan salgydy tölemeli, eger-de bank edarasynda aýratyn hasaplaýyş açyşy bar bolsa, aýratyn maliýe meýilnamasy bolan halatda tölege borçly bolýar.

Dispozisiýa – gatnaşyjylara belli halatda özüňi alyp barmaklygy kesgitleýär. Her bir hukuk gatnaşygyň taraplary belli bir hukuga hem borja eýedir. Dispozisiýanyň talaby – gatnaşyjylaryň hukugyny we borjuny berjaý etmeklikden ybaratdyr.

Sanksiýa – bu jogapkärçiligiň ölçegini kesgitleýän hukuk kadalaryň toplumydyr. Sanksiýa esasanam maliýe hukuk kadalaryny bozanlar üçin ulanylýan usuldyr. Eger-de, maliýe hukuk kadalary bozulan halatda ulanylýan boýun ediji serişdedir. Maliýe hukuk kadalary bozulan halatda jenaýat, raýat hem dolandyryş hukuk jogapkärçiliklerine çekilip biliner.

2.Maliýe hukuk gatnaşyklary we onuň aýratynlyklary.

Maliýe hukuk gatnaşyklary umumy hukuk gatnaşygynyň bir görnüşi bolup çykyş edýär. Maliýe hukuk gatnaşyklar özüniň ýuridiki şekili boýunça iň çylşyrymly gatnaşyklar diýlip hasap edilýär. Maliýe hukuk kadalary arkaly _______ gatnaşyklary kadalaşdyrmakda maliýe hukuk gatnaşyklar diýlip aýdylýar. Maliýe hukuk gatnaşyklarynyň iň esasy aýratynlyklarynyň bir hem onuň döwletiň maliýe işiniň netijesinde emele gelýändigidir. Maliýe hukuk gatnaşyklarynda ýene-de bir aýratynlyklar bardyr, ýagny bu gatnaşygyň esasy gatnaşyjysy bolup döwlediň özüdir. Maliýe hukuk gatnaşyklar özüniň mazmuny boýunça maddy we prosessual gatnaşyklardan ybaratdyr.

Maliýe hukuk gatnaşyklarynyň iň aýratynlyklarynyň biri hem elmydam döwlediň maliýe edaralary çykyş edýär.

Maliýe hukuk gatnaşyklary döreýär, üýtgeýär hem togtap biler. Maliýe hukuk gatnaşyklary belli bir ýuridiki şekilde döräp biler. Ýuridiki şekil döremegiň esasy bolup hereket hem-de hadysa çykyş edýär.

Hereket – hereket netijesinde ýuridiki fakt emele gelýär. Hadysa – adamyň erkine bagly bolmadyk halatda döreýär. Mysal üçin adamyň dünýä inmegi we dünýäden ötmegi, tebigy betbagtçylyk, adamyň belli bir ýaşa ýetmegi.

Maliýe hukuk gatnaşyklary iň bir çylşyrymly hukuk gatnaşyklarydyr. Onuň birnäçe görnüşleri bardyr, býujet, býujet prosessual gatnaşyklar, salgyt, ätiýaçlyk, karz, bank, çykdaýjy we walýuta hukuk gatnaşyklardyr.

4.Maliýe huhugynyň gatnaşyjylary (subýektleri).

Maliýe hukugynyň subýektleri bolup hukuk borçly we hukuga eýe bolan taraplar çykyş edýär. Maliýe hukugynyň subýektleri hukuk ukyplylygyna eýe bolmaly. Maliýe hukugynyň subýektleri ýuridiki hukuga hem ýuridiki borja eýedirler.

Maliýe hukugynyň subýektleri 2 (iki) topara bölünýär. Ýuridiki hem fiziki şahslardan ybaratdyr. Maliýe hukuk gatnaşygynyň esasy subýekty bolup – döwlet çykyş edýär.

Maliýe hukugynyň subýektleri köpçülikleýin gatnaşyjylara eýedir:

1.Döwlet häkimýet we dolandyryş edaralary.
2.Döwlet kärhanalary, edaralary.
3.Daşary ýurt kompaniýalary hem firmalary.
4.Daýhan birleşikleri we alyjylar jemgyýeti.
5.Bank hem ätiýaçlyk edaralary.
6.Jemgyýetçilik birleşikler we guramalar.
7.Dini guramalar.

Maliýe hukugynyň gatnaşyjylaryny şahs esasda 2 (iki) topara, ýagny ýuridiki hem-de fiziki şahslara bölünýär. Fiziki şahslar bolup Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurt raýatlary hem-de raýatlygy bolmadyk adamlar çykyş edýär.

Raýatlar, ýagny fiziki şahslar esasanam salgyt we karz hukuklarynyň gatnaşyjylary bolup çykyş edýär. Maliýe kanunçylygynda nähili halatda fiziki şahslar gatnaşyjy bolup çykyş edýändigi kesgitlenen.

## <u>Tema</u>: Döwlet býujeti we býujet hukugy

1. Döwlet býujeti we býujet hukugy barada düşünje.
2. Býujet hukugynyň predmeti we çeşmeleri.
3. Býujet hukuk gatnaşyklary.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistan döwletinde hemme halk hojalygynyň pudaklarynda uly üstünlikler gazanylýar. Türkmenistanyň Prezidenti Ministrler Kabinetiniň 2008-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda geçiren giňişleýin mejlisinde Türkmenistan döwletiniň gazanan üstünlikleri barada nygtalyp geçildi. 2008-nji ýylda döwletimizde öndürilen içerki önümiň mukdary 2007-nji ýyla garanyňda 110,5 göterime ybarat boldy.

Senagat 13,7 göterim, gurluşyk 132,5 göterime, söwda 125,1 göterim, transport we aragatnaşyk 120,8 göterim. Bu ýokary göterimleri gazanmaga, döwletimiziň syýasy durnuklylygy we ykdysadyýetde durmuşa geçirilýän özgertmeleriň netijesi sebäp bolup biler.

Türkmenistan döwletiniň 2008-nji ýylda daşary haryt aýlanşygy 17,6 mlrd manatdan ybarat boldy, ýagny, 32 göterim 2007-nji ýyla garanyňda ýokarydyr.

Bu görkezmeler öz gezeginde döwletimizde birnäçe täze mekdepleri, çagalar bagyny, medisina merkezlerini, muzeýleri we sport toplumlaryny, senagat kärhanalaryny, transport kommunikasiýa we beýleki medeni-sosial çäreleri durmuşa geçirmekde uly ýardam berer.

Türkmenistan döwletiniň býujeti döwletimiziň maliýe syýasatyny amala aşyrmakda maliýe esasy bolup hyzmat eder. Dölwet býujeti diýen düşünje birnäçe manyda aýdylýar we ulanylýar:

1. Býujet – ykdysady kategoriýa;
2. Býujet – maddy büşünje;
3. Býujet – hukuk kategoriýa;

Býujet – ykdysady kategoriýa diýmeklik, döwletiň býujetini döretmkede we paýlamakda ykdysady ulgam gatnaşyklaryna aýdylýar, ýagny umumy pul fonduny döretmekdäki we paýlamakdaky gatnaşyklara aýdylýar.

Maddy kategoriýa esasynda döwletiň döwlet býujeti ähliumumy merkezleşdirilen pul fondudyr.

Ýuridiki jähtden dölwet býujeti- maliýe hukuk namasydyr, namanyň esasynda pul fondy döredlýär.

Türkmenistan döwletiniň döwlet býujeti döwletimiziň milli maksatnamasyny durmuşa geçirmek üçin “Türkmenistany syýasy, ykdysady we medeni taýdan 2020 ýyllar üçin milli maksatnamasyny” baş ugurlaryna gönükdirilýär.

Maliýe ulgamynyň esasy zwenosy bolan döwlet býujeti barada geçen asyrda alymdarlar bu barada nygtap geçipdirler. Döwletiň maliýesini merkezleşdirmek, eýeçiligi üýtgetmek we çalşmak, bank we salgyt ulgamyny döretmek, ilatyň arasynda hökmany zaýomlary girizmek ýaly meselelere garalypdyr. Karl Marks şeýle diýip nygtapdyr: “Syýasy häkimligi ele alan proletariat işçiniň býujetini düzüp biler”-diýip nygtapdyr. W.I.Lenin nygtaýar: “Biz elmydam ýatdan çykarmaly däldiris, her bir radikal özgertmeler dürmuşa geçip bilmez, eger-de ykdysadyýetde ösüş gazanyp bilmese”. Bu manynyň häzirki döwrüň ykdysady ýagdaýyna gabat gelýändigini belläp geçip bolar. Häzirki döwürde haryt pul gatnaşyklary saklanylýar we beýleki ykdysady we maliýe ryçaglary saklanyp galynar. Şonuň üçin bu ryçaglary kadalaşdyrmakda döwlet býujetiniň hem uly orny bolar. Häzirki döwürde Türkmenistan döwletiniň döwlet býujeti ýurdumyzda medeni-sosial çäreleri durmuşa geçirmekde ulanylýär, ýägny, Türkmenistany syýasy, ykdysady we durmuş taýdan 2030-njy ýyla çenli Baş ugry milli Maksatnamasyny durmuşa geçirmek üçin niýetlenýär. Türkmenistanyň döwlet býujeti – bu döwletiň hemme halk hojalygynyň pudagynyň býujetidir. Döwlet býujeti döwletiň maliýe syýasatyny dolandyrmakdaky esasy gural serişdesidir.

Býujet hukugy – maliýe hukugynyñ kadalarynyñ we ýorelgeleriniñ jemi bolup, býujeti döretmekdäki we paýlamakdaky ýüze çykýan hukuk gatnaşyklary kadalaşdyrmakda ýüze çykýan gatnaşyklary öwredýär. Döwlet býujetini döretmekde, paýlamakda, ony düzmekde, seretmekde, tassyklamakda, ýerine ýetirmekde we hasabatyny tassyklamakdaky hususy gatnaşyklary býujet hukugynyñ predmeti bolup çykyş edýär. Şonuñ üçin, milli hukuk pudaklarynyñ ornunda maliýe hukugy nähili orna eýe bolsa, şolar ýaly orna býujet hukugy eýedir. Maliýe hukugynyñ orny barada SSSR YA IGPAN geçirilen ylmy konferensiýada nygtalyp geçirilendir.

Häzirki döwürde ýuridiki ylymda maliýe hukugynyñ orny barada iki mekdep hereket edýär.

Birinji mekdep: maliýe hukugy döwlet we dolandyryş hukugyndan gelip çykan, ýöne aýratyn pudak hökmünde özüniñ aýratyn obýektiniñ we jemgyýetçilik ähmiýeti bolany üçin. Bu mekdebiñ görnükli wekilleri Halfina R.O., Peskotin M.I., Iwanow B.N., Sypkin S.D.

Ikinji mekdebiniñ wekilleri – maliýe hukugy aýratyn hukuk pudakdyr diýip hasap edýärler. Olar Gurwiç M.A., Wilnýanskiý S.N., Rowinskiý E.A.

Iki mekdebiñ wekilleriniñ hem bellikleri dogry. Çünki, iki mekdep hem maliýe hukugynyñ milli hukuk pudagyny nygtap geçýärler. Iki mekdebiñ wekilleri maliýe hukugynyñ milli hukuk pudaklary döwlet we dolandyryş hukugynyñ pudaklary biken ysnyşykly arabaglanyşygynyñ bardygyny hem nygtap geçýärler. Ýöne birinji mekdebiñ wekilleriniñ belliklerine görä Halfina R.O., Piskotin M.I., Sipkin S.D., Iwanow B.N. maliýe hukugy döwlet we dolandyryş hukuklaryndan bölünip çykmak netijesinde hukuk ylmy hökmünde emele gelipdir diýip hasap edýärler.

Ikinji mekdebiñ mugallymlary Rowinskiý E.A, Gurwiç R.A. ýaly alymlar şeýle hasaplaýar, maliýe hukugy döwletiñ örän ilkinji günlerinden başlap pudak hökmünde peýda bolup başlaýar.

Döwlet býujetine halk hojalygynda işleri durmuşa geçirmek üçin esasy orun berilýär. Döwlet býujetini amala aşyrmakda hukuk gatnaşyklaryñ göwrümi örän uludyr. Bu gatnaşyklar ýagny:

- Türkmeniñ döwlet býujetiniñ ulgamyny döretmekde;
- Döwlet býujetiniñ girdeýji we çykdaýjy ugurlaryny kesgitlemekde;
- Býujetleriñ göwrümini kesgitlemekde;
- Döwlet býujetini düzmekde, seretmekde, tassyklamakda, ýerine ýetirmekde we onuñ hasabatyny tassyklamakda.

Bu ýokarda bellenen hukuk gatnaşyklary býujet hukuk gatnaşyklaryny döredýär. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly býujet hukugy maliýe hukugynyñ iñ bir esesy pudaklarynyñ biri bolup hyzmat etýär.

Döwlet býujetini düzmekdäki ýüze çykýan hukuk gatnaşyklary özboluşly hukuk gatntşyklarydyr. Bu hukuk gatnaşyklarynyñ aýratynlygy hem bardyr. Her bir býujet hukuk gatnaşyklarynyñ möhleti bir ýyldan ýokary bolup bilmez. Býujet hukuk gatnaşyklarynyñ subýekt düzümi hem aýratyn bolup çykyş edýär. Mysal üçin: raýatlar, daýhan birleşikleri, daşary yurt fiziki hem-de ýuridiki şahslary býujet hukuk gatnaşyklarynyñ gatnaşyjysy bolup çykyş edip bilýärler. Esasy subýekti bolup Türkmenistan döwletiniñ kanun çykaryjy edarasy Mejlis, Ministrler kabineti, Ministrler, ýagny Türkmenistanyñ maliýe we ykdysadyýet ministrligi, ýerli häkimlikler, geñeşler, bank ulgamynyñ edaralary çykyş edýär.

Şonuñ üçin býujet hukugy diýip ulanylanda uly hukuk gatnaşygyny göz öñüne getirmeli. Şol esasda Türkmenistan döwletiniñ döwlet býujeti iki görnüşde, ýagny merkezi döwlet býujetinden hem-de ýerli döwlet býujetlrinden ybaratdyr. Ýerli býujetler hem döwlet býujeti diýip hasap edilýär. Sebäbi ýerli edaralar hem döwlet edaralarydyr, olar Türkmenistanyñ Konstitusiýasynyñ esasynda özleriniñ ýerli býujetlerini kabul edýär. Türkmenistanyñ Konstitusiýasynyñ 88-nji maddasyna laýyklykda geñeşler öz meýdanynda ýerli döwlet edara hökmünde ýerli geñeşlriñ býujetlerini we onuñ ýerine ýetirilişi barada hasabat kabul edýärler. Olar öz meýdanlarynda ýerli salgytlary girizip bilýärler.

Türkmenistanyñ býujet ulgamy baradaky 1996-njy ýylda kabul edilen kanunda ýokarda bellenilen ygtyýarlyklar barada nygtalyp geçilýär. Bu kanunda Türkmenistan döwletiniñ býujet ulgamynyñ iki basganҫaklydygy kesgitlenilýär.

Býujet hukugy Maliýe hukugynyñ iñ bir uly, mazmunly, hukuk özboluşly we aýratyn pudagydyr.

## Umumy okuw N5

## Döwlet büjetiniň çykdaýjysy.

1. Döwlet büjetiniň çykdaýjysy barada düşünje.
2. Büjet maliýeleşdirmegiň esaslary.
3. Kapital goýumlary maliýeleşdirmek.
4. Halk hojalygyň pudaklaryny maliýeleşdirmek.

Döwletiň öňünde durýan funksiýany amala aşyrmakda döwletimiziň esasy mýa goýumynyň orny bellidir. Döwletiň çykdaýjysynyň serişdeleri esasanam önümçilik netijesinde gazalynýar, şol serişdeler esasanam halk hojalygynyň pudaklaryna, medeni hem sosial çärelerine, döwletiň goraýyş ulgamyna hem döwlet büjet edaralaryna

sarp edilýär. Döwlet çykdaýjylary esasanam döwletiň büjet resurslarynyň üsti bilen ýapylýar. Döwlet büjetiniň esasy aglawa girdeýji bölümi esasanam döwlt hojalyk sektoryndan ýagny öwlt kärhanalaryndan, daşary ýurt firmalarynan, daýhan birleşiklerden, dini we jemgyýet guramalaryndan, hojalyk birleşiklerden alynýan döwlet salgytlardan yabaratdyr. Belli bir mukdary ilatdan alynýan salgytlardan ybaratdyr.

Döwlet çykdaýjysy esasanam gös-göni maliýeleşdirmek arkaly amala aşyrylýar. Döwletiň büjetinden edilýän çykdaýjylar gaýdyp gelmesiz esasda amala aşyrylýar. Döwlet büjetiniň esasy serişdeleri maksatlaýyn ulanylmalydyr. Her bir kärhana öz serişdesini maksatlaýyn esasda ulanylmalydyr. Maliýe serişdeleriň pudaklarda peýdalanyşyna hem ulanylyşyna mydamalyk gözegçilik bolmalydyr.

Döwlet büjetiniň esasy çykdaýjysy hökmünde Türkmn döwletiniň büjeti çykyş edýär. Döwlet büjetiniň esasy ugry gös-göni maliýeleşdirmekden ybaratdyr.

Büjet maliýeleşdirmek – döwlet büjetinden gös-göni gaýdyp gelmesiz esasynda goýberilýän maliýe serişdesidir. Özüniň ykdysady mazmuny esasynda döwletiň büjetiniň çykdaýjylary:

1) material önümçiligi
2) önümçilik däl gatlaklara
3) döwletiň ätiýaçlyk toplumyny döretmäge.

Döwlet büjeti material gatlaga sarp edilmegi esasanam – senagata, gutluşyga, oba hojalyga, transporta hem aragatnaşyga, söwda üpjüne we taýýarlaýyş pudaklaryna sarp edilýär.

Önümçilik däl gatlaga döwlet maliýe serişdesi arkaly esasanam bilime, saglyk saklaýşa, beden terbiýe, sosial üpjünçilige, dolandyryşa we döwleti harby taýdan goramakdan ugurlar sarp edilýär. Büjet serişdeler esasanam az çykdaýjy edilip köp girdeýji almaklykdandyr. Iş netijesinde material hem maliýe resurslaryny tygşytly ulanmandandyr. Bu serişdeler maksatlaýyn meýilnamalar esasynda sarp edilmelidir.

Büjet serişdeler esasanam meýilnamalaryň maksatlaýyn ulanmagyna we ýerine ýetirmeklikden soň goýberilmelidir. Büjet serişdeleri hökmany ulanylyş esaslary mydamalyk göz astynda bolmalydyr.

Maliýe büjet serişdeleri elmydama kanunçylyk esasynda bolmalydyr.Döwlet büjetiniň çykdaýjysy öz gezeginde ýuridiki normalaryň toplumy bolup öz gezeginde maliýe hukugynyň esasy instituty bolup çykyş edýär. Bu maliý gatnaşygyň bir görnüşi bolup ýuridiki normalaryň ugruny reglament edýän normalardan ybaratadyr.

Büjet çykdaýjy gatnaşygyň subýekt düzüm esasynda aýratynlygy hem bardyr. Aýratyn tapawutlylyk esasanam halk hojalygyň pudagynyň sarp ediş ugry bilen kesgitlenýär.

Häzirki döwürde Türkmenistan döwletimizde täze ykdysady gatnaşyklaryň emele gelip we ýola düşmeginde büjet çykdaýjysyň roly ösýändir. Büjetiň esasy ugry halk-hojalygyna ýagny kapital goýumlar arkaly siňdirilýär. Ýöne, iri kapital goýumlar esasanam gurluşykda ulanylýar, şol sebäpli ol birnäçe pudaklar arkaly kadalaşdyrylýar.

Mysal üçin zakaz beriji işiniň ýerini üpjün edilýär, proýekt çykdaýjy dokumentleri, gurluşygy üpjün edilmeli. Serişdeleri we pul serişdeleri hem üpjün etmelidir. Işi ýerine ýetiriji bolsa öz gezeginde birnäçe ýuridiki hojalyk-hukuk normalar administratiw-hukuk normalar arkaly işler amala aşyrylýar.

Döwletiň çykdaýjysyny esasanam büjet arkaly ýapylýar we maliýeleşdirýar. Mydama, hereket edýän çykdaýjylar hem wagtlaýyn sarplar. Mydamalyk edilýän büjet sarplar bu ýylyň dowamynda çykdaýja gönükdirilýän büjet serişdeleridir. Wagtlaýyn sarp ediş serişdeleri ýagny täze obýektlere başlangyç göwrümde sarp etmeklige aýdylýar. Senagat pudagyna esasanam sarp edilende göz öňüne esasanam kapital gurluşyk pudagy hasap edilýär. Senagata esasanam kapital goýumlar arkaly aşyrylýar: kapital goýumlar, esasy önümçilik fonduna kapital goýumlar, gysga

möhletli geçýän çykdaýjylar, önümu ödeýän çykdaýjylar, ylmy-tehnikany ösdürmäge gönükdirilýän geologiki çykdaýjylar, medeniýet we sosial çärelerine (kitaphanalara, medeni öýlere, saglygy saklaýyş edaralaryna, hünäri ösdürmeklik we ş.m.).

Türkmenistan döwletimizde Altyn asyryň meýilnamalaryny amala aşyrmakda birnäçe işlerinde maksatly işlerde uly kapital gurluşyklary amala aşyryldy. Birnäçe tutumly obýektleri ulanylmaga berildi, şol sanda paýtagtymyzda, welaýatlarda, şäherlerde we etraplarda.

Döwletimizde kabul edilen on bir ýyllyk maksatnamamyzda kapital gurluşyklary ösdürmekde uly tutumlar beýan ediler. Umumy maksatnamalary bolan iýmit, ýeňil senagat, energetika, maşyn gurluşyk, himiýa senagaty we ş.m. ugurlar göz öňünde tutulandyr. Medeni sosial ojaklaryny gurmak hem göz öňünde tutulan ugurlar özüniň beýanyny aldy. Döwletimizde ünsden ýaşaýyş jaýlaryny gurmaklyk hem göz astyndan çykarylmaýar. Şeýlelikde, kapital goýumlary maliýeleşdirmeklik:

a) döwletiň hukuk normany ulanmakdaky işi;
b) döwletiň organlaryň maliýeleşdirmek üçin alyp barýan ugry;
c) önümçilik obýektleri täzeden gurmak, rekonstruksiýa hem tehnika tarapdan täzelemek;
d) hereket edýän obýektleriň önümçilik fondlarynyň görküni täzelemek;
e) önümçilik fondalarynyň işini täzeden gurnamak;
f) önümçilik fondlarynyň ulanyşlaryna gözegçiligi berkitmek.

Kapital goýumlaryň iň esasy düzüm esasy bolup titul spisoklarydyr. Karital gurluşykda iň esasy ýuridiki häsiýetli akt bolup çykyş edýär. Titul spisoklar maliýe meýilli akt bolup hyzmat edýär, ol gurluşyk prosesiniň bütewi döwrüne çenli hereket edýär.

Döwletimiziň wajyp sosial-ykdysady wezipesi – ilatymyzy oba hojalyk iýmitleri we önümelri bilen üpjün etmeklikden ybaratdyr. Häzirki döwrümiziň oba hojalygyny ösdürmegiň wajyp meselelerini her saparky Halk maslahatyň mejlisinde ara alnyp maslahatlaşylýar.

Agrar sektor oba hojalyk işi elmydama maliýe hojalyk hasaplaýyş esasda amala aşyrylýar. Döwletimizde Saparmyrat Türkmenbaşynyň baş tutanlygynda tebigaty goramaklyk we tebigi resurslary tygşytly ulanmaga doly derejede üns berilýär. Bu işleri kadalaşdyrmaga her ýylda döwlet büjetinden ummasyz maliýe serişdeler sarp edilýär. Soňky garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistan döwletimizde transport ulgamyny ösdürmäge döwlet möçberinde uly işler amala aşyrylýar. Garaşsyzlyk ýyllar döwründe transportyň hemme görnüşlerini dünýä gatlagyna ybarat boldy. Saparmyrat Türkmenbaşynyň baştutanlygynda awiasion transporty ýokary derejä eýe boldy. Demir ýol tarnsportymyz dünýä demir ýol ulgamynda uly orna eýe boldy. Tejen-Saragt-Maşat demir ýolunyň açylmagy, Aşgabat-Atamyrat, Aşgabat-Daşoguz demir ýollary dünýä demir ýol ülňisine gabat gelýän polat ýollarydyr.

Saparmyrat Türkmenbaşy ýurdumyzda aragatnaşyk pudagyna ösdürmäge uly üns berýär. Döwletimiz dünýä argatnaşygynda ulanylýan aragatanşyk serişdelerini we enjamlaryny ulanylýar. Döwletimizde soňky döwürde Saparmyrat Türkmenbaşynyň baştutanlygynda ýaşaýyş-kommunal ulgamyna döwlet derejesinde uly üns berilýär. Soňky ýyllarda döwletimizde halkyň eşretli ýaşar ýaly birnäçe täze-täze ýaşaýyş merkezler peýda boldy. Birnäce ýaşaýyş ymaratlar soňky döwrümizde paýtagtymyzda peýda boldy.

Bu ugur biziň döwletimizde raýatlaryň konstitusiýa tarapyndan kepillendirilen ýaşamaga hukugynyň subutnamasydyr.

**Edebiýatlar:**

1. Воронова Л.К. «Правовые основы расходов государственного бюджета СССР». Киев. 1981г.
2. Горбунова О.Н. «Финансовое право». М. 1996г.
3. Бельский К.С. «Финансовое право».
4. Грачева Е.Ю. «Финансовое право». М.1998г.

## Umumy okuw N6

## Türkmenistanda bank hukugy.

1. Merkezi bankyň maksady we onuň ýerine ýetirýän meselesi.
2. Bankyň düzümi hem dolandyryşy.
3. Bankyň maliýe ýagdaýy.
4. Pul-karz wezipesi we bank operasiýalar.

Türkmenistan döwletimizde Merkezi bank-döwletimiziň milli bankydyr. Ol beýleki döwletimiziň bank ulgamyna girýän banklar bilen ara baglanyşykdadyr. Öz gezeginde karz berýänleriniň we alýanlaryň arasyndaky gatnaşyklary kepillendirýändir.

Kanun arkaly "bank"-diýmeklik:

1. "bank"-ýuridiki tarapdyr, sebäbi ol kanun arkaly ýuridirki hem fiziki taraplaryň pul serişdelerini öz adyndan ýygnaýar. Bank hyzmatdaşlygy gaýdyp bermeklik, töleglik hem möhlet arkaly ýerleşdirip bilýär.
2. "amalat borçlylyk"-ýagny banklar haýsy hem serişdäni alan mahalynda aýlanşyk dokumentler arkaly serişdeler kesgitlenýär.
3. "manat"-bu Türkmenistanda pul birligidir.
4. "ätiýaçlyk borçlylyk"-bu Merkezi bank tarapyndan Türkmenistanda bank borçlylykdyr.

Türkmenistanyň Merkezi banky öz gezeginde ýuridiki tarapdyr kanun arkaly hukukly tarapdyr. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň merkezi apparaty paýtagtda ýerleşýändir. Türkmenistanyň kanunçylygy laýyklykda Merkezi bank özüniň bölümlerini hem wekilçiligini bürolaryny açmaga ygtyýarlygy bardyr.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň möhüri hem bardyr, on dowletimiziň gerbiniň şekili ýerleşendir, we üç dilde türkmen, rus hem iňlis dillerde "Türkmenistanyň merkezi banky"-diýen möhür ýazgysy bardyr. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň işi 8 oktýabr 1993 ýylyň "Türkmenistanyň Merkezi banky baradaky" kanun arkaly kadalaşdyrylýar. Beýleki döwlet we häkimet organlaryndan garaşsyzdyr.

Kanun laýyklykda ol:

a) Milli puluň durnukly bolmagyna ýardam etmeli hem goramaly.
b) Nyrhlaryň goramaly we maksadyny kesgitlemeli
c) Döwletimiziň bank ulgamynyň durnuklylygyny saklamaly.
d) Döwletimiziň Ministrler Kabinetiniň ykdysady syýasatyny gollamalydyr.

Kanun arkaly Merkezi banka şu aşakdaky ygtyýarlyk hem berilýändir.

a) Ýeke-täk karz-pul syýasatyny düzmeli hem amala aşyrylmaly.
b) Döwletimiziň walýuta syýasatyny döretmelidir hem jebisdeş gatnaşmalydyr.
c) Lisenziýalar bermeklik hem bank ulgamyna girýänleriň üstünden gözegçilik.
d) Döwletimiziň halkara ätiýäçlyklygyny kesgitlemek hem buýrmaklyk.
e) Bank ulgamynyň kadaly işlemegini gazanmaklyk hem ýardam etmeklik.

<u>Türkmenistan döwletimiziň bank ulgamy:</u>




Türkmenistanyň Merkezi banky hemme hökümet ara ýygnanlarda döwletimiz bähbidi goraýar.

Daşary ýurt banklaryna lisenziýa bermäge ygtyýarlydyr. Daşary ýurt banklaryna, we daşary ýurt hökümetlerine maliýe organlaryna hem-de halkara guramalaryna bank hyzmylaryny ýola goýar.

Halkara guramalarynyň hem halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam etmeli.

Merkezi bank öz gezeginde halkara möçberinde geçirilýän halkara guramalaryň işlerine wekil hökmünde borçly çykyş edýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky şu aşakdaky düzümden hem dolandyryşdan ybaratdyr (ustawy laýyklykda).

<u>Merkezi bankyň düzümi</u>




Kanun laýyklykda dolandyryjysy (prawleniýasy) Merkezi banka umumy ýolbaşçylyk hem işine gözegçiligi amala aşyrýar.

Yzygiderlikde karz-pul, walýuta we ykdasady halat ýagdaýy kesgitleýär.

Merkezi bankyň prawleniýasy Türkmenistanyň pul-karz syýasatyny kesgitleýär. Merkezi bankyň amala aşyrmaly operasiýalaryny anyklaýar. Prosent stawkalary, galmaly maýa goýumyny hökmany ätiýaçlyk emläkleri olaryň göwrümini hem kesgitleýär.

Çykdaýjylaryň hem girdeji ugurlaryň smeta hasabyny tassyklaýar. Merkezi bankyň guramaçylyk işini hem ştat personal we içerki zähmet düzgünçiligini tassyklaýar.

Merkezi Bankyň prawleniýasynyň orunbasaryny bellemäge makuldygyny ýetirýär. Merkezi bankyň işi boýunça Prezidenta maglumat berýär.

Bankyň dolandyryş düzümi başlygyndan, onuň orunbasaryndan, başga garaşsyz agzalardan ýedi ýyl möhleti bilen Prezident tarapyndan bellenýär. Prawleniýanyň agzalary ýdi ýyl möhleti geçeninden soň, gaýta bellenilip bilner.

Prawleniýanyň başlygy, orunbasarlary hem agzalary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenýär. Halk Maslahatynyň we Ministrler kabinetiniň düzümine dolandyryşyň agzalary girip bilmez.

Dolandyryş agzalaryny Prezident tarapyndan wezipesinden boşadylyp bilner. Eger-de olar Halk Maslahtynyň düzümine ýada Ministrler Kabinetiniň düzümine girse.

Merkezi bankyň arassa girdejisi her maliýe ýyly üçin hasaplanýar. Her ýylyň ýagny maliýe ýylyň ahyrynda umumy ätiýaçlyk, fonduny hem kesgitleýär. Merkezi bank Türkmenistanyň Prezidentynyň rugsady razyçylygynda aýratyn belli bir maksatlaýyn aýratyn serişdäni hem döredip biler. Umumy rezerw fond Merkezi bankyň çykdaýjysynyň üstüni ýapmak üçin döredilýär.

Türkmenistan Merkezi banky Prezidentiň alyp barýan pul-kredit syýasytyny amala aşyrmaga jogapkärdir hem borçlydyr. Türkmenistanyň ýeke-täk pul-birligi arkaly pul aýlanşygyny, Türkmenistanyň pul birligi baradaky kanun arkaly kepillendirilýär.

Türkmenistanyň pul kursynyň alyp çalyşmak ugruny Merkezi bank tarapyndan kesgitlenýär.

Edebiýatlar.


1. Дадашев А.З. и Черник Д. Т. Финансовая система России. М 1997
2. Финансовое право автор Горбунова. М 1996
3. Финансовое право автор Савин А. Ю. М 1997
4. Финансовое право автор Соколова Э. Д. и Грачева Е. Ю. М 1998
5. Цыпкан С. Д. Правовые основы Государственного кредита в СССР. М 1976


## Tema 7. Merkezi bankyň hukuk ygtyýarlygy.

1. Merkezi bankyň maksady we onuň ýerine ýetirýän meselesi.
2. Bankyň düzümi hem dolandyrylyşy.
3. Bankyň maliýe ýagdaýy.
4. Pul-karz wezipesi we bank operasiýalar.

**Edebiýatlar:**


Дашайев А.З. ве Черник Д.Т. Финансовайа система Росии. М.1997

Финансовойе право автор Горбунова. М. 1996.

Финансовойе право автор Савин А.Йу. М. 1997.

Финансовойе право автор Соколова Э.Д. и Грачева Э.Йу. М. 1998

Сыкин С.Д. Правовыйе сновы Государственного кредита в СССР. М. 1976


Wekiliçiligini býurolaryny açmaga ygtyýarlygy bardyr.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň möhüri hem bardyr, onda döwletmiziň gerbiniň, şekili ýerleşendir, we üç dilde türkmen, rus hem iňlis dillerde «Türkmenistanyň merkezi banky» diýen möhür ýazgysy bardyr. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň işi 8 oktýabr 1993 ýylyň «Türkmenistanyň Merkezi banky baradaky» kanun arkaly kadalaşdyrylýar. Beýleki döwlet we häkimet organlaryndan garaşsyzdyr.

Kanun laýyklykda ol:

a) Milli puluň durnukly bolmagyna ýardam etmeli hem goramaly.
b) Nyrhlaryň gormalary we maksatnamadygyny kesgitlemeli.
ç) Döwletimiziň bank ulgamynyň durnuklylygyny saklamaly.
d) Döwletimiziň Ministrler Kabinetiniň ykdysady syýasatyny gollamalydyr.

Kanun arkaly Merkezi banka şu aşakdaky ygtyýarlyk hem berilýändir.

a) Ýeke-täk karz-pul syýasatyny düzmeli hem amala aşyrmaly.
b) Döwletimiziň walýuta syýasatyny döretmelidir hem jebisdeş gatnaşmalydyr.
ç) Lisenziýalar bermeklik hem bank ulgamyna girýänleri üstünden gözegçilik.

Türkmenistan döwletimizde Merkezi bank-döwletimiziň Milli bankydyr. Ol beýleki döwletimiziň bank ulgamyna girýän bankir bilen ara baglanyşyklydyr. Öz gezeginde karz berýänleriň we alýanlaryň arasyndaky gatnaşyklary kepillendirýändir.

Kanun arkaly «bank» diýmeklik:

1) bank-ýuridiki tarapdyr, sebäbi ol kanun arkaly ýuridiki hem фiziki taraplaryň pul serişdelerini öz adyndan ýygnaýar. Bank hyzmatdaşlygy gaýdyp bermeklik, töleglik hem möhlet arkaly ýerleşdirilip bilýär.

2) Amanat borçlylyk-ýagny banklar haýsy hem serişdäni alan mahalynda oýlanşyk dokumentler arkaly serişdeler kesgitlenýär.

3) «Manat»-bu Türkmenistanda pul birligidir.

4) «Ätiýaçlyk borçlylyk» bu merkezi bank tarapyndan Türkmenistanyň bank borçlylykdyr.

Türkmenistanyň Merkezi banky öz gezeginde ýuridiki tarapdyr

kanun arkaly hukukly tarapdyr. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň merkezi apparatly paýtagtynda ýerleşýändir. Türkmenistanyň kanunçylygy laýyklykda Merkezi bank özüniň bölümlerini hem

g) döwletimiziň halkara ätiýaçlygyny kesgitlemek hem buýurmaklyk.
h) Bank ulgamynyň kadaly işlemegini gazanmaklyk hem ýardam etmeklik.

**Türkmenistan döwletimiziň bank ulgamy:**

**Merkezi bank**

**Türkmenistanyň daşary ykdysady döwlet banky.**

**Kommersiýa banklar      Aksioner banklar.**

**Hususy banklar.**

Türkmenistanyň merkezi banky hemme hökümet-ara ýygnaklarda döwletimiz bähbidi goraýar. Daşary ýurt banklaryna lisenziýa bermäge ygtyýarlydyr. Daşary ýurt banklaryna we daşary ýurt hökümetlerine maliýe organlaryna hem-de halkara guramalaryna bank hyzmatlaryny ýola goýýar.

Halkara guramalarynyň hem halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam etmeli.

Merkezi bank öz gezeginde halkara möçberinde geçirilýän halkara guramalaryň işlerine wekil hökmünde borçly çykyş edýär.

Türkmenistanyň merkezi banky şu aşakdaky düzümden hem dolandyryşdan ybaratdyr. (ustawy laýyklykda).

**Merkezi bankyň düzümi.**

**Prawleniýesi**

**Bankyň ýolbaşçysy topary.**

**Ýolbaşçysy orunbasarlar gullukçy personaldan**

Kanun laýyklykda dolandyryjysy (prawleniýasy) Merkezi banka umumy ýolbaşçylyk hem işine gözegçiligi amala aşyrylýar.

Yzygiderlilikde karz-pul, walýuta we ykdysady hapat ýagdaýy kesgitlenýär. Merkezi bankyň prawleniýesi Türkmenistanyň pul-karz syýasatyny kesgitleýär. Merkezi bankyň amala aşyrylmaly operasiýalaryny anyklaýar. Prosent stawkalary, galmaly maýa goýumyny hökmany ätiýaçlyk emläkleri olaryň göwrümini hem kesgitleýär.

Çykdaýjylaryň hem girdeji ugurlaryň smeta hasabyny tassyklaýar. Merkezi bankyň guramaçylyk işini hem ynam personal we içerki zähmet düzgünçiligini tassyklaýar.

Merkezi bankyň prawleniýasynyň orunbasaryny bellemäge makuldygyny ýetirýär.

Merkezi bankyň işi boýunça Prezidente maglumat berýär.

Bankyň dolandyryş düzümi başlygyndan, onuň orunbasaryndan, başga garaşsyz agzalardan ýedi ýyl-möhlet bilen Prezident tarapyndan bellenilýär. Prawleniýanyň agzalary ýedi ýyl möhleti geçeninden soň, gaýta bellenilip bilner.

Prawleniýanyň başlygy, orun borçlaryny hem agzalary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenýär. Halk-Maslahatynyň we Ministrler kabinetiniň düzümine dolandyryşyň agzalary girip bilmez.

Dolandyryş agzalaryny Prezident tarapyndan wezipesinden boşadylyp bilner. Эger-de olar Halk maslahatynyň düzümine ýa-da Ministrler Kabinetiniň düzümine girse.

Merkezi bankyň, arassa girdejisi her maliýe, ýyly üçin hasaplanýar. Her ýylyň ýagny maliýe ätiýaçlyk, фonduny hem kesgitleýär. Merkezi bank Türkmenistanyň Prezidentiniň rugsady razyçylygynda aýratyn belli bir maksatlaýyn aýratyn serişdäni hem döredip biler Umumy rezerw фond Merkezi bankyň çykdaýjysynyň üstüni ýapmak üçin döredilýär.

Türkmenistan Merkezi banky Prezidentiň alyp barýan pul-kredit syýasatyny amala aşyrmaga jogap kändir hem borçlydyr.

Türkmenistanyň ýeke-täk pul-birligi arkaly pul aýlanşygyny, Türkmenistanyň pul birligi baradaky kanun arkaly kepillendirilýär.

Türkmenistanyň pul kursyny alyp çalyşmak ugruny Merkezi bank tarapyndan kesgitlenýär.

## Tema 8. Nagt däl hasaplaýyşyň hukuk esaslary

Meýilnama:

4. Hasaplaýyş hukuk gatnaşyklary.
5. Hasaplaryň açylyşy.
6. Nagt däl hasaplaýyşyň hukuk esaslary.
7. Hasaplaýyş düzgünleriniň bozulan halatynda jogapkärçilik.

Edebiýatlar :


1. Финансовое право под. Ред. Куфаковой Н.А. М 1994 г.
2. Финансовое право автор К.С. Бельский М 1995 г.
3. Финансовое право автор Горбунова О.Н. М 1997 г.
4. Финансовое право автор Грачева Е.Ю. М 1998 г.


Edara, kärhanalar guramalaryň işinde ýüze çykýan işleriniň kanun esasynda hereket etmegine wagtly hasaplar gerekdir. Häzirki döwürde bazar-ykdysady gatnaşyk döwründe önümleriň tölegini tabşyrylanda, tölegleri hasap edilende hasaplanyşyň mejburdygyny bellemeli. Edara-kärhanalaryň, guramalaryň arasyndaky borçlylyk hasaplaýyş arkaly amala aşyrylmalydyr. Mysal üçin, raýat-hukuk şertnamalar ýerine ýetirilende býujete iberilýän hasaplar ýa-da aýlyk tölegler. Şu agzalan mysallarda gatnaşyklar maliýe hukuk gatnaşyklar maliýe hukuk gatnaşyklar arkaly kadalaşdyrylmaly, sebäbi bu hukuk gatnaşyklar hasaplaýyş kanunçylygy arkaly amala aşyrylýar hem ýuridiki göwrümde kepillendirilýär. Özüniň mazmuny boýunça hasaplaýyş gatnaşyklar raýat hukugyna degişlidir, ýöne hemme ugurlary hasaplaýyş operasiýalar arkaly kadalaşdyrylýar.

Ýokarda agzalan gatnaşyklar maliýe hukuk gatnaşyklaryň bir görnüşidir.

Belli bir hasaplaýyş gatnaşyklar kepillendirilende beýleki pudaklaryň normalaryna gönükmeli hem bolýar.

Hasaplaýyş gatnaşyklary kadalaşdyrýan aktlar şu aşakdakylardyr.

Türkmenistan döwletimizde hasaplaýyş gatnaşyklar Merkezi bank tarapyndan amala aşyrylýar. Merkezi bankyň iki esasy wezipesi bardyr. Birinjiden halk hojalygynda hasaplaşyklary guramaklyk hem olary amala aşyrylyşyna.

Merkezi Bank kanun esasynda pudaklaryň aýratynlygyny göz öňüne tutup, kärhana-edaralara we guramalara hasaplaýyş operasiýalary amala aşyrmak boýunça düzgünnama kabul etdiler.

Türkmenistanyň Merkezi banky kabul eden normatiw aktlary halk hojalygynda hereket edýän hasaplaýyş düzgünleri kadalaşdyrmaga gönükdirilendir.

Hasaplaýyş hukuk gatnaşygynda esasy göz öňüne döwlet hasaplaýyş syýasaty mukdar nazarda göz öňüne tutulmaly.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň çykarýan aktlary beýleki hasaplaýyş ugurlary alyp barýan banklara hökmany degişlidir. Türkmenistanyň kanunçylygy hem Merkezi bankynyň Ustawynda şu aşakdaky ugurlar kesgitlenýär : hasaplaşygyň ýörelgeleri, hasaplaýyş düzgünleri, hasaplaýyş hukuk gatnaşygyň hukuklaryny hem borjuny. Agzalan ugurlary hasaplaýyş hukuk gatnaşygynyň subýektleriniň gatnaşyk mazmunyny pul serişdeleriň banklar bilen kliýentleriň arasyndaky mazmuny kesgitleýär. Edara, kärhanalara banklar pul serişdesini göýberende, şol subýektleriň serişdäni ulanyşyna bank gözegçiligini gözden düşürmeli däldir.

Banklar gözegçilik işlerinde özlerinde dolandyryş funksiýany amala aşyranda, taraplaryň hasaplaýyş şertlerini üýtgetmäge doly ygtyýarlygy bardyr. Mysal üçin, haryt hasaplaýyşy geçende, harydyň hili pes bolsa, hasaplaýyş operasiýany kesmäge doly ygtyýary bardyr. Eger-de tarap durnukly harydy iberse, onda banklar hasaplaýyş operasiýalara dowam edip biler.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kärhanalaryň, edaralaryň, birleşikleriň, guramalaryň eýeçilikli, karz pul serişdeler hökmany serişdeleri bankyň sçýotynda saklanmalydyr. Kärhana, edaralaryň, guramalaryň, birleşikleriň hojalyk işlerine garamazdan hasaplaýyş we gündeki sçýotlarda ýerleşdirilýär.

Hasaplaýyş sçýotlary açmaklyk we olaryň yzygiderliliginiň hukuk tertibi banklar tarapyndan düzgünleşdirilýär. Önümçilik birleşikleri, edaralar, kärhanalaryň hasaplaýyş sçýoty merkezi bank hem beýleki banklar tarapyndan kesgitlenýär. Olar hökmany dolandyryş serişdesi, aýratyn hojalyk serişdesi bolmalydyr. Banklaryň Ustawy laýyklykda ýokardaky şertleriň taraplary berjaý edilmese ýa-da kesgitlenmedik bolsa, onda banklar hasaplaýyş sçýotlary açmaga ygtyýary ýokdur.

Mysal üçin, içerki hojalyk durýan edaralaryň içerki gatlak bölümleri, ýagny sehler, filialar edaralardan içerki hasaplaşykda duran bolsa olar hasaplaýyş sçýot açmaga ygtyýarlygy ýokdur. Ýöne käbir edaralaryň hojalyk hasaplaýyş däl bölümlerine gysga kesgitli hasaplaýyş sçýotleri açmaga ygtyýarlyk berilýär. Gysga kesgitli sçýotler bu kömekçi hasaplaýyş sçýotlerdir, esasy maksady hasaby ýol hojalyk bölümleriniň hasap sçýotini esasy zweno geçirmeklige aýdylýar.

Gysga kesgitli hasaplaýyş sçýotler esasanam şäherden daşyndaky edaralar hem kärhanalaryň ýerleşendigi üçin amatly hasaplaýyş sçýotlerdir.

Gündelik hasaplar merkezi hem beýleki banklaryň sçýotinde edaralar, önümçilik birleşikleriň edaralaryň ýerleşýän ýerinde açylýandyr.

Kärhana-edaralaryň, birleşikleriň, guramalaryň arasyndaky hasaplaýyş operasiýalar nagt däl göwrümde we nusgada amala aşyrylýar, ýagny hasaplaýyş resmi dokumentler arkaly amala aşyrylýar. Olar merkezi we beýleki banklar tarapyndan kesgitlenen hasaplaýyş dokumentler amala aşyrylýar. Ol dokument operasiýalary amala aşyrýan banklar, Türkmenistanyň Ýustisiýa ministrligi, Türkmenistanyň Ykdysady we maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet çaklaýyş we maglumat gullugy organlary tarapyndan kesgitlenilýär.

Çäkli hasaplaýyş dokumentasiýalar Merkezi bank tarapyndan kesgitlenilýär hem bellenilýär.

Nagt däl hasaplar banklar tarapyndan borçly edaraň hasabat sçýotyndan alyjy edaranyň hasabat sçýot dokumentiniň mazmunyna geçirilýär.

Nagt däl hasaplar şu halatlarda amala aşyrylýar :

a. Hasaplaýyş sçýotlar banklar arkaly amala aşyrylýar

b. Hasaplar harytlary, material gymmat emläkler gowşurylan soň hasaplanylýar.

c. Hasaplar açylyp biliner, eger-de, edaranyň banka açyş sçýotlary bar bolsa.

Banklar hasaplaýyş operasiýalary amala aşyranda elmydama gözegçilik funksiýasy mydama esasy orunda bolmalydyr.

Käbir halatlarda kanun esasynda jedelsiz halatda sçýotlary hasapdan ýitirilip biliner. Banklar özleriniň kliýentleriniň öňünde borçlydyr.

## Tema 9. Smeta-býudjet maliýeleşdirmek.

1. Smeta-býudjet maliýeleşdirmeklik.
2. Halk hojalygynyň pudagyna maliýeni siňdirmeklik.
3. Medeni sosial çärelere maliýe sarpy.
4. Dolandyryş sarplar.

**Edebiýatlar.**


1. Woronowa L.K. Prawowoýe osnowy rashodow Gosudarstwennogo býudjeta SSSR. Kiýew. 1981g.
2. Finansowoýe prawo awtory Gorbunowa O.N. Moskwa 1996 g.
3. Finansowoýe prawo Rosii awtory Kufanowa N.A. Moskwa 1994 g.
4. Finansowoýe prawo awtor Sawin A.Ýu. Moskwa 1997 g.

Býudjetde durýan edaralaryň guramalaryň býudjetden goýberiliş usullary kesgitlenýär. Býudjet edaralaryň çykdaýjy mazmuny smeta arkaly amala aşyrylýar. Önümçilik sferadaky edaralardan edilýän çykdaýjy maliýe resurslary maliýe hulugynda maliýe býudjet maliýeleşdirmeklik diýilýär. Maliýe serişdeleri tassyklama berlende maliýe býudjet kesgitlemeli.

Her bir kärhananyň alýan býudjet kesgitlemesi gös-göni edaralaryň çykdaýjy ugurlaryna gönükdirilmeli.

Şeýlelikde, býudjet –smeta maliýeleşdirmeklik- döwlet býudjetden maliýeleşdirmek edaralara göýberilýän býudjet serişdeler smeta arkaly Smeta-býudjet serişdeler bökdençsiz amala aşyrylmalydyr.

Smeta-býudjet maliýeleşdirmeklik berk kanun ýagny Maliýe hukuk normalar arkaly kadalaşdyrylýar, ýagny maliýe hukugynyň instituty bolan çykdaýjy hukugy instituty arkaly kadalaşdyrylýar.

Smeta-býudjet maliýeleşdirmeklik esasanam döwletiň sosial-ykdysady meýilnamasy bilen baglanyşyklydyr.

Smeta-býudjet maliýeleşdirmeklik önümçilik däl gatlakda esasanam sosial-medeni edaralarda, sosial ätiýaçlyga, ýokary we orta bilim edaralaryna, äagalar baglaryna, döwlet häkimet we hökümet organlaryna, sud, prokuratura, Trkmenistanyň ýaragly güýçlerini we ş.m. edaralara maliýeleşdirilýär. Ýokardaky maliýe býudjet serişdeler, önümçilik däl gatlaga gönükdirilendir.

Býudjet-maliýe serişdäni sarp etmeklikdir.

Türkmenistanyň döwlet býudjetinden önümäilik däl gatlaga sarp edilişi:

1. Sosial-medeni.
2. Sosial-ätiýaçlyga.
3. Bilim edaralaryna.
4. Saglygy goraýyş edaralaryna.
5. Häkimet we hökümet edaralaryna
6. Ýerli häkimet we öz-özüni dolandyrýan organlara.
7. Sud, prokuratura, içeri işleri inwistisiýa ministrligi we howpsuzlyk gullugy edaralary we ş.m.

Şu ýokardaky agzalan edaralar önümäilik däl gatlaga degişli bolup, býudjetden gös-göni maliýe serişdeleri çykdaýjy edilýän subýekt diýip hasaplanýar. Agzalan subýektler döwletiň durnukly hereket etmegine ýardam edýär.

Edaralaryň smeta çykdaýjysy iki bölümden ybaratdyr.

1) Kapital goýumlar.
2) Edaralary gündelik işlerine saklamaklyk.

Gündelik işlere sarp etmeklik edaralardan hem iki görnüşinden bolýar.

1) Adminstratiw-hojalyk çykdaýjy.
2) Operasion.

Adminstratiw-hojalyk çykdaýjy bu çykdaýjy ýagny gerek bolan serişdeleri, kömekçi işgärlere, komandirowkalara, adminstratiw we kömekçi işgärlere goýberilýär.

Operasion çykdaýjy- okuw jaýlar üçin, pedagogiki kollektiwler üäin aýlyk, iýmek-içmäge berilýän çykdaýjylar.

Býudjet edaralaryň operasion çykdaýjylary kada-kanun arkaly amala aşyrylýar. Ygtyýarly organlar tarapyndan maliýe serişdäniň möçberi kesgitlenýär.

Çykdaýjy serişdeleri iki topara bölýärler. Material normala-çykdaýjylary nature görnüşde kesgitlenilýär (mysal üäin 1 kwm meýdana düşýän we ýagtyldýan elektroenergiýanyň möçderi).

Ýuridiki göwrümi boýunça çykdaýjy normalar hökmany hem hasaplaýyş görnüşde bolýar. Hökmany görnüşde ýokary hökümet we häkimet organlar tarapyndan üýtgeşiklik görnüşinden girizmezlik. Mysal üçin, aýlyklaryň möçberi, posobiýe kömekleriň möçberi. Hasaplaýyş çykdaýjy normalar orta hasap boýunäa äykdaýjysyny kesgitlemeklik.

Döwletimizde saparmyrat Türkmenbaşynyň baştutanlygynda soňky ýyllarda birnäçe medeni-sosial ugurlarda işler amala aşyryldy.

Bilim syýasatyny amala aşyrmakda şu ugurlara çykdaýjy kesgitenýär.

1) Umumy bilim ulgamyna, çagalary terbiýelemeklik, ýenişip gelýän nesli terbiýelemeklik.
2) Medeni-sosial obýektler üçin kitaphanalara, sergilere, muzeýlere, medeniýet öýlerine, orta we ýokary okuw jaýlaryna, bilim institutlaryna, mugallymlary kämilleşdirýän institutlara.
3) Bilime.
4) Telewideniýe, radio, sungat çap edýän edaralara, teatrlaryna, saz-gurallar ansambline, sungat işgärler soýuzyna we ş.m. mekdebe çenli edaralara býudjetden belli-bir çykdaýjylary kesgitlenýär. Bu ugurda esasy kesgitlenýär. Bu ugurda esasy ünsi umumy bilim berýän mekdeplere üns berilýär.

Býudjetden medeni sungat ojaklar maliýe serişdeler sarp edilýär. Kitaphanalara, muzeýlere, sergilere, medeniýet öýlerine we medeniýet köşklere esasanam ýerli býudjetlerden sarp edilýär. Merkezi býudjetden ýokary bilim okuw jaýlaryna býudjet serişdelerini sarp edilýär.

Merkezi býudjetden bilim pudaklaryna belli bir derejede resurslar sarp edilýär. Biziň döwletimize ilatyň saglygyny goramaga döwlet derejesinde üns berilýär. Sporta we saglygy saklaýşa býudjetden belli derejede serişdeler göýberilýär. Soňky ýyllarda döwletimizde birnäçe sport meýdançalar guruldy hem gurulýar.

Ýurdumyzda çoňky ýyllaryň içinde birnäçe saglygy saklaýyş merkezleri guruldy. Olara ýokary halkara möçberinde ulanylýan enjamlar bilen üpjün edildi. Saparmyrat Türkmenbaşynyň baştutanlygynda ilaty sosial taýdan üpjün etmeklik işlerini döwlet derejesinde alnyp barylýar. Soňky ňyllarda berilýän garrylara pensiýalary, inwalidlara posobiýalaryň möçberi köpeldi.

Türkmenistan döwletimiz Bitarap döwletdir. Muňa garamazdan biz entäk özümiziň çäkli ýaragly güýçlerimizi saklamaly bolýarys.

Her ýylda döwlet býudjetden Türkmenistan döwletimiziň ýaragly güýçlerine belli bir derejede resurslar sarp edilýär. Döwletimiziň ýokary häkimet we hökümet organlaryna belli bir derejede býudjetden pul serişdeleri göýberilýär. Ýerli häkimet organlaryna hem öz-özüni dolandyrýan organlara býudjen tarapyndan sarp edilýär. Belli bir derejede döwlet býudjetden döwletiň organlaryna sud, prokuratura, howpsuzlyk gullugy organlaryna, ýustisiýa organyna, gümrük gullugyna we beýleki organlara sarp edilýär.

Mazmuny:

Tema 1. Türkmenistanyň maliýe hukugynyň predmeti we ulgamy.

Tema 2. Türkmenistanda maliýe işi we maliýe hukugy.

Tema 3. Maliýe hukuk kadalary.

Tema 4. Döwlet býujeti we býujet hukugy.

Tema 5.Türkmenistanda bank hukugy.

Tema 6. Döwlet büjetiniň çykdaýjysy.

Tema 7. Merkezi bankyň hukuk ygtyýarlygy.

Tema 8. Nagt däl hasaplaýyşyň hukuk esaslary.